# Ýitgiler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýitgiler ÝITGILER

Obam bardy ene ýabyñ boÿunda.
Adamlary bardy diÿseñ gylykly.
Kakañ otyr öýüñ sag dulun tutup –
Gün geçip dur bir-birinden gyzykly.

Çoýýar mañlaýyñy gündüziñ güni,
Arzuwa ataryar gijäniñ aÿy.
Gap böwürde ejeñ otyr gülmüräp –
Aý geçip dur bir-birinden enaýy.

Kakañ barka sag dulunda ojagyñ,
Çep dulda giñ gursak ejeñ otyrka,
Şu iki ganatdan başga bir bagty
Adam nädip göz öñüne getirkä?

…Muña düşünmäge pursat boldumy?
Gözümden uçanda şol iki eziz,
Bagtyñ nämedigin az-kem duÿsamam,
Ölmüñ bardygyny bilmändim heniz.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW Goşgular